# Nobel kim? / ýa-da dinamidiñ oýlanyp tapylşy

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 23 января, 2025
Nobel kim? / ýa-da dinamidiñ oýlanyp tapylşy NOBEL KIM?

- **ýa-da dinamidiñ oýlanyp tapylşy**

1864-nji ýylyñ 3-nji sentýabrynda gündiziñ günortany Şwesiýanyñ paýtagty Stokgolmda elhenç partlama bolup geçipdir. Mundan birnäçe minut öñ hem Alfred Nobeliñ nitrogliserin fabrigi bolan bu ýerde şol partlamadan soñ uly çukur emele gelipdir. Şol wagt halas ediji topara Alfred Nobel ýolbaşçylyk edipdir. Onuñ kakasy portlarda gurluşyk işlerini geçiripdir. Alfred ýaş wagtynda kakasyna kömek beripdir. Alfred Nobel himiýany ilki Russiýada, soñra ABŞ-da we Fransiýada öwrenipdir.
XXX asyryñ ortalaryna çenli has öñ açylan gara däri partlaýjy madda hökmünde peýdalanylypdyr.
Nobel öz fabriginde açyk nitrogliserini öndürmäge başlapdyr. Ýöne bu ýagjymak suwuklygy saklamak örän howply bolupdyr. Sebäbi ol güýçli yranmad we temperaturanyñ çala üýtgemesinde partlapdyr. Nobeliñ fabrigini ýok edenem şu hili partlamadyr.
Bir gezek agzy gowy ýapylmaýan demir gaba nitrogliserin guýup, ony hem yranmaz ýaly gapyrjaga salyp, gyralaryna çäge guýupdyrlar. Ony bir ýerden başga bir ýere äkidenlerinde nitrogliserin siñen çägäni barlap görende nitrogliseriniñ partlaýyş ukybyny saklap, yranmada we temperaturanyñ üýtgemesinde partlamanyñ bolmaýandygyna göz ýetiripdir. Bu täze güýçli we howpsuz partlaýjy madda Nobel «dinamit» diýip at beripdir.
Dinamit ilki açylanda ony ýol-gurluşyk işlerinde, ýerasty geçelgeler gazmakda, kanallary geçirmekde we mineral baýlyklary gazyp almakda peýdalanypdyrlar. Soñra ony franklaryñ we pruslaryñ urşunda hem ulanypdyrlar. Nobel 1895-

nji ýylda özüniñ uly baýlygynyñ hasabyna öz adyna her ýyl berilýän sylag döredilmegini sargyt edip, wesýetnama galdyrypdyr. Alfred Nobeliñ wesýetine görä, bu baýrak fizika, himiýa, medisina we başga ugurlar boýunça uly açyşlary edenlere berilmeli edilipdir.
Däp bolup gelşine görä, Nobel baýragy her ýylyñ 10-njy dekabrynda – Nobeliñ aradan çykan güni berilýär.
Dinamiti oýlap tapan Alfred Nobel özüniñ wesýetinde görkezişine görä, köp zatlary döredip we açyp biljek ýaş alymlara kömek etmegi maksat edinipdir.

Taýýarlan: Soltanýaz ŞAÝYMOW. Geň-taňsy wakalar